# Äht (Hekaýa)

Category: Hekaýalar
написано kitapcy | 3 августа, 2025



*Alekseý PANTELEÝEW,*
*rus ýazyjysy*

Men size bu kiçijik oglanjygyň kimdigini, nirede ýaşaýandygyny we ene-atasynyň kimdigini aýdyp bilmejegime gaty gynanýan. Hatda agşamyň garaňkylygynda onuň ýüzünem ymykly saýgaryp bilmändirin. Meň diňe onuň burnunyň menek-menekdigi, balajygynyň keltejikdigi hemem kemer bilen däl-de, egninden üstaşyr çekdirilen matanyň garnynyň bir ýerlerine berkidilendigi ýadyma düşýär.

Bir ýola, tomsuň güni Wasilewskiý adasyndaky ak buthananyň golaýyndaky bir bagjagaza girdim, ýöne ol bagyň adyny bilemok. Ýanymda bir gyzykly kitap bardy. Men uzak wagt kitap okap oturyşyma, agşam düşeninem duýman galypdyryn.

Gözlerim gamaşyp başlansoň, okamak juda kyn düşdi, men kitaby ýapyp, ýerimden turdum-da, çykalga tarap ýöneldim.

Bag eýýäm boşapdy, köçelerde çyralar ýylpyldaýardy, agaçlaryň aňyrsynda nirelerdedir bir ýerlerde sakçynyň jaňjagazy jyňňyrdaýardy. Men bagyň ýapylaryndan howatyrlanyp, ädimimi gataltdym, ýöne birdenkä aýak çekdim. Nirededir bir ýerlerde, gyrymsy agaçlaryň aňyrsynda kimdir biri aglaýardy.

Men gapdaldaky ýodajyga sowuldym, o taýda ähli baglarynda bolşy ýaly, daşdan gurlan kiçeňräk jaý agaryp görünýärdi – munuň dükan bolmagam, garawulhana bolmagam ahmal. Ana, şonuň ýanynda ýedi-sekiz ýaşlaryndaky kiçijik oglanjyk başyny aşak salyp, gaty sesi bilen aglaýardy.

Men oň ýanyna bardym-da:

– Aý, oglan, saňa näme boldy? – diýip soradym.

Ol buýruga gulak asýan ýaly şobada aglamasyny bes etdi-de, başyny galdyryp, şeýle diýdi:

– Hiç zadam bolanok.

– O nähili hiç zat bolanok? Kim seň göwnüňe degdi?

– Hiç kim.

– Onda näme üçin aglaýaň?

Oňa geplemek kyndy, entek gözýaşam kepemändi, hynçgyryp burnuny çekýärdi. Men oňa:

– Ýör, gideli. Seret eýýäm giç, basym bag ýapylar – diýdim-de, elinden tutmakçy boldum.

Emma oglan elini dartyp aldy-da, şeýle diýdi:

– Gidip biljek däl.

– O nähili gidip biljek däl? Saňa näme bolýar?

– Hiç zadam bolanok.

– Sen, näme, nähoşmy?

– Ýok, janym sag.

– Onda näme üçin gidip bileňok?

– Men sakçy.

– O nähili sakçy?

– Näme, düşüneňzokmy? Biz oýnaýas.

– Ýeri, onsoň kim bilen oýnaýaň?

Oglan dymdy, birneme özüni dürsäp, şeýle diýdi:

– Bilemok.

Ine, şu ýerde, dogrymy aýtsam, oglana nähoşdyr ýa-da akyly ýerinde däldir öýtdüm-de, oňa:

– Hany, düşnükliräk aýtsana. Näme diýýäniňe düşünemok? Bu nähili bolýa? Özüň-ä oýnaýaň, kim bilen oýnaýanyňam bileňok? – diýdim.

– Hawa, bilemok! – diýip, oglan aýtdy. – Men oturgyçda otyrdym, şol wagt uly oglanlar geldi-de: «Uruş-uruş oýnasyň gelýämi?» diýip soradylar. Menem: «Hawa» diýip jogap berdim. Onsoň oýnap başladyk welin, olaryň biri: «Sen seržant bolmaly» diýdi. Bir ullakan oglanam marşal boldy… Ol meni şu ýere getirdi-de, şeýle diýdi: «Şu dükanda biziň däri ammarymyz bar. Sen oňa sakçy bolmaly… Men gelip seni çalyşýançam şu ýerde dur». Men: «Bolýa» diýdim. Ol bolsa: «Gitmejegiň barada wada ber» diýdi. Menem söz berdim.

– Ýeri, onsoň?

– Ynha, görşüňiz ýaly, şo-ol durşum, olar bolsa gelenok.

Men:

– Şeý diýsene – diýip ýylgyrdym. – Olar seni haçan goýup gitdi?

– Entek gün ýaşmandy.

– Beýle bolsa, olar niredekä?

Oglan uludan demini aldy-da, şeýle diýdi:

– Men-ä olar gidendir öýdýän.

– O nähili gidendir?

– Ýatlaryndan çykarandyr.

– Beýle bolsa, sen näme üçin dursuň?

– Men çynym bilen söz berdim…

Meniň gülesim geldi, ýöne bärde gülkünç zadyň ýokdugy we oglanyň doly suratda mamladygy birden hakydama geldi-de, oýa batdym. Eger çynyň bilen söz beren bolsaň, her hili ýagdaý bolsa-da – bu oýunmy ýa dälmi, parhy ýok – ýerine ýetirmek gerek. Men oglanjyga:

– Ynha, şeýle waka bolupdyr-da, ýeri, indi näme etmekçi bolýaň? – diýdim.

Ol:

– Bilemok – diýip, ýene aglap başlady.

Oňa kömek edesim geldi. Ýöne elimden näme gelýär? Bärden gitmejegi barada wada berdirip, özleri bolsa öýlerine gaçyp giden kelesaň oglanjyklary gözlemelimi? Häzir olary nireden tapjak?..

Ähtimal, eýýäm agşamlyk edinip, uka gidendirler-de, düýş görüp ýatandyrlar…

Bu ýerde bolsa oglanjyk olara garaşyp dur. Belki, ajygandyr…

Men ondan:

– Belki, bir zatlar iýesiň gelýändir? – diýip soradym.

– Hawa, iýesim gelýä – diýip, ol aýtdy.

Men biraz oýlanyp, şeýle diýdim:

– Sen öýüňize git-de, şamlyk edin, häzirlikçe bärde saňa derek özüm duraýyn.

Oglan:

– Şeýlemi? Beýtsek bolarmy? – diýip sorady.

– Bolmajak gümany barmy?

– Siz harby adam däl ahyryn.

Men ýeňsämi gaşap durşuma, şeýle diýdim.

– Dogry aýdýaň. Büý-ä birhili bolar. Men seni hatda garawulhanadanam boşadyp biljek däl. Muny diňe harby serkerde edip biler…

Şol wagt kelläme bir ajaýyp pikir geldi. Oglany garawulçylykdan diňe harby adamyň boşadyp biljekdigi barada oýlandym-da, harby adamy gözlemegi ýüregime düwdüm. Men oglana: «Bir minut garaş» diýdim-de, wagt ýitirmän, çykalga tarap ýelk ýasadym…

Derweze heniz ýapylman eken, garawul bagyň çetki burçunda jaňyny jyňňyrdadyp ýördi.

Men derwezäň ýanynda durup, haýsydyr bir leýtenantyň, bolmanda hatarçy gullukçynyň geçerine garaşdym. Içiňi ýakaýyn diýen ýaly, daşarda harby lybasly adam görnenokdy. Ynha, birden

ýoluň aňry tarapynda gara şinele gözüm kaklyşan ýaly boldy. Begendim, bular harby deňizçilerdir diýip oýlandym-da, ylgap ýoly kesip geçdim. Görsem, hünär öwrenip ýören oglanjyklar eken. Ýüzüne ýaşyl belgi tikilen owadan şinelli, uzyn boýly demirýolçy ýigitler geçip gitdi. Ýöne şinelleri näçe owadanam bolsa, şo pursat bular maňa derkar däldi.

Umydym puja çykansoň, baga gaýdyp barmakçy boldum, birdenkä çatrygyň aňyrsynda, tramwaý duralgasynda atly goşunyň harbylaryna mahsus ýaşyl papakly serkerdä gözüm düşdi. Şol pursat şatlanyşym ýaly bütin ömrüme-de şatlanan däl bolsam gerek. Duralga tarap aýagaldygyna ylgadym. Seretsem, tramwaý duralga ýetip gelýär, atly goşunyň ýaşajyk komandirem ýolagçylar bilen ulaga girmäge howlugýar. Men ylgawymy ýazdyrman barşyma, demim-demime ýetmän onuň elinden tutdum-da, gygyrdym:

– Ýoldaş maýor! Bir pursat tagapyl ediň!

Ol haýran galmak bilen maňa gaňrylyp seretdi-de, şeýle diýdi:

– Näme boldy?

– Bilýäňizmi näme. Şu bagda daşdan gurlan dükanyň ýanynda epesli wagt bäri bir oglanjyk dur… Ol şol ýerden gidip bilenok, sebäbi söz beripdir. Ol juda kiçi bolansoň, şol aglap dur…

Serkerde gözlerini gyrp-gyrp etdi-de, maňa howatyrly seretdi. Ol maňa nähoşdyr ýa-da akylyndan azaşandyr öýden bolara çemeli. Ol:

– Onuň maňa näme dahyly bar? – diýip sorady.

Tramwaý gidensoň, ol maňa hasam gaharly seredýärdi.

Nämäň bolanyny düşündirenimden soň, ol oýlanyp durman şeýle diýdi:

– Elbetde, ýörüň. Näme üçin muny şobada aýtmadyňyz?

Baga baryp ýetenimizde, garawul derwezäni gulplap durdy. Men ondan biraz garaşmagyny haýyş etdim-de, bagda bir oglanjygyň galandygyny aýdyp, maýor bilen bagyň içine howlukdyk.

Garaňkynyň içinde ak tamy zordan gözläp tapdyk. Oglan öňki ýerinde, meniň goýup giden ýerimde ýuwaşja aglap durdy. Men özümiň gelendigimi oňa eşitdirip gygyrdym. Ol şatlandy, hatda begenjine gygyrdam. Men oňa:

– Ynha, görýäňmi, seniň ýanyňa hut serkerdäniň özüni getirdim – diýdim.

Ony gören oglan birneme dikeldi welin, boýy birnäçe santimetr ösen ýaly boldy. Serkerde ondan:

– Ýoldaş garawul, siziň çiniňiz näme? – diýip sorady.

– Seržant.

– Ýoldaş seržant, size ynanylan garawulhanadan gitmek barada buýruk berýän.

Oglan birsalym burnuny çekip durdy-da, şeýle diýdi:

– Siziň çiniňiz näme? Men sizde näçe ýyldyzyň bardygyny göremok…

– Men maýor.

Oglan elini çalja papagynyň gaşyna ýetirdi-de, şeýle diýdi:

– Baş üstüne, ýoldaş maýor. Garawulhanany boşatmak barada beren buýrugyňyzy berjaý edýän.

Ol bu sözleri şeýlebir ýeserlik bilen aýtdy welin, ikimizem saklanyp bilmän gülüşdik.

Oglanjygam şatlanyp, hezil edip güldi.

Bagdan çykan badymyza derweze şarkyldap ýapylyp, garawul açary birnäçe gezek towlady.

Maýor oglana elini uzadyp:

– Berekella, ýoldaş seržant. Sen hakyky esger bolup ýetişersiň. Hoş, sag bol! – diýdi.

Oglan nämedir bir zatlar mydyrdady-da, sagbolsun aýtdy.

Maýor ikimize-de hormat bilen salam berdi-de, ýetip gelýän tramwaýy görüp, duralga tarap ylgady. Menem oglan bilen hoşlaşyp, elini gysdym-da, ondan:

– Öýüňe çenli ugradaýynmy? – diýip soradym.

– Ýok, men golaýda ýaşaýan. Gorkamok.

Men onuň kiçijik meneklije burnuna seredip, «dogrudanam, ol nämeden gorksun?» diýip oýlandym. Şeýle erkli, tutanýerli oglanjygy tümlügem, garagol çagalaram, beýleki zatlaram gorkuzyp bilmez. Haçan-da, ol ýigit çykanda… Häzir onuň ulalanda kim boljagy belli däl, ýöne kim bolsa-da, onuň hakyky ynsan boljakdygyna welin, güwä geçse boljak.

Men içimden: «Bu oglanjyk bilen tanyşlyk meniň üçin örän ýakymly boldy» diýip oýlandym-da, ýene bir gezek höwes bilen onuň elini berk gysdym.

***Rus dilinden terjime eden Myrat GOŞLYÝEW***